# ÝAŞLAR – KÄMILLIK ÝOLUNDA

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda dürli ugurlarda uly-uly üstünlikler, ösüşler gazanylýar. Şol gazanylýan üstünliklere, ösüşlere ýurdumyzyň, “Watanymyzyň daýanjy” bolan ýaş nesillerimiz, ýaşlarymyz hem öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Olaryň dünýä derejesinde, halkara olimpiadalarda gazanýan ýeňişleri, baýraklary mähriban Watanymyzyň ýer ýüzündäki abraýyny has-da belende galdyrýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow özüniň “Ýaşlar – Watanyň daýanjy” atly kitabynda ýurdumyzyň ösüp gelýän ýaş nesillerine, ýaş oglan-gyzlaryna ýüzlenip: “Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys” diýip belläp geçýär. Döwlet Baştutanymyzyň göwün ganatlandyryjy sözlerinden ruhlanýan türkmen ýaşlary, mekdep okuwçylary ylym-bilim we sport ulgamlarynda ýokary netijeleri görkezýärler. Olaryň görkezýän bu netijeleri Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan şa serpaýlary bilen sylaglanýar. Muňa mysal hökmünde ýaňy-ýakynda halkara olimpiadalarynda, sport ýaryşlarynda hormat hatlaryna, kuboklara, medallara mynasyp bolan mekdep okuwçylarynyň, talyp ýaşlaryň, türgenleriň we olary şol ýaryşlara taýýarlan halypa mugallymlaryň, tälimçileriň ýokary derejede pul sylaglary, awtoulaglary bilen sylaglanmagyny görkezmek bolar.

Gursagy hyjuwly, kalby höwesli türkmen ýaşlarynyň döwrebap bilim almaga bolan islegleri bu günki günde doly hasyl bolýar. Kuwwatly döwletimiz ýaşlaryň ukyp-başarnygynyň doly açylmagy üçin ähli zerur şertleri döredýär. Durmuşa geçirilýän beýik işlerde türkmen ýaşlary özüniň gazanýan buýsançly üstünlikleri bilen halkymyzy guwandyrýar. Häzirki wagtda durmuş çalt depginlerde ösýär, özgerýär we öňde täze wezipeleri goýýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin çuňňur bilimli, giň gözýetimli, dünýä ykdysadyýetiniň, jemgyýetçilik – durmuş ugurlarynyň ýeten derejesinden habarly ökde hünärmenleri taýýarlamak zerur bolup durýar. Türkmenistan döwletimizde şeýle hünärmenleri taýýarlamaga doly mümkinçilikler bar. Bu mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyzyň çägi ýok. Goý, olaryň tutýan tutumly işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Babaýew Baýrammuhammet**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**

Все права защищены

save pdf date >>> 21.12.2025

**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены